**9. «Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Çuo uniwersitetiniň Gözleg we ösüş başlangyjynyň arasynda parnik gazlarynyň milli sanawyny kämilleşdirmek we Pariž ylalaşygyna laýyklykda hasabat bermek boýunça mümkinçiligini ýokarlandyrmak barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama»**

**Gol çekilen senesi: 2025-nji ýylyň 15-nji apreli**

**Umumy maglumat:**

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2025-nji ýylyň aprel aýynda Ýaponiýa amala aşyrylan saparynyň dowamynda howanyň üýtgemegi boýunça Pariž Ylalaşygyna laýyklykda parnik gazlarynyň zyňyndylaryna gözegçilik etmek hem-de parnik gazlarynyň milli tükelleýiş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýmak maksady bilen Ýaponiýanyň Çuo uniwersitetiniň Gözleg we ösüş başlangyjy bilen Özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Resminama laýyklykda, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda emele gelýän parnik gazlaryna gözegçilik etmekde Ýaponiýanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň GOSAT emeli hemra ulgamynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak boýunça hyzmatdaşlyk etmek göz öňünde tutulýar.

**Esasy maksady:**

a) Türkmenistanyň parnik gazlarynyň milli tükelleýiş ulgamynyň Pariž Ylalaşygyna laýyklykda kämilleşdirilmegi ugrunda hyzmatdaşlygy ýola goýmak we bilelikde işlemek;

b) parnik gazlarynyň zyňylmalaryny we çykarylmagyny hasaplamak üçin zerur bolan maglumatlary ýygnamagyň usullary boýunça hyzmatdaşlyk etmek we okuwlary geçirmek, parnik gazlarynyň milli tükelleýiş ulgamyny bilelikde gowulandyrmak üçin degişli edaralar bilen utgaşykly iş alyp barmak;

c) Iki taraplaýyn hünärmenleriň bilim we tejribelerini paýlaşmagyna, usulyýet meselelerini anyklamaga we seljermäge, tejribe almak we işleriň gidişini yzarlamak üçin Bilelikdäki Iş Toparyny döretmek; we

d) Pariž Ylalaşygynyň netijeli durmuşa geçirilmegine goşant goşmak, Bilelikdäki Iş Toparynyň netijelerini Pariž Ylalaşygynyň 14-nji maddasynda agzalýan Ählumumy Hasabat ulgamyna wagtynda habar bermek.

**Hereket ediş möhleti:** gol çekilen pursadynda güýje girýär we 5 ýyl hereket edýär.